**Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň Başlygynyň 2011-njy ýylyň 17-nji fewralyndaky 26 belgili we Türkmenistanyň Maliýe Ministriniň 2011-njy ýylyň 17-nji fewralyndaky 17 belgili bilelikdäki buýrugy bilen tassyklanyldy**

## Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagy we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegi bilen baglanyşykly pul serişdeleri we/ýa-da gaýry emläk bilen amallara garşy hereket etmek we ýüze çykarmak boýunça çäreleriň banklar tarapyndan amala aşyrylmagy hakynda DÜZGÜNNAMA

### I. UMUMY DÜZGÜNLER

1. Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagy we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegi bilen baglanyşykly pul serişdeleri we/ýa-da gaýry emläk bilen amallara garşy hereket etmek we ýüze çykarmak boýunça çäreleriň banklar tarapyndan amala aşyrylmagy hakynda Düzgünnama (mundan beýläk – Düzgünnama) "Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda", "Kommersiýa banklary we bank işi hakynda", "Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek hakynda" Türkmenistanyň Kanunlaryna, "Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň işini kämilleşdirmek hakynda" Türkmenistanyň Prezidentiniň 2010-njy ýylyň 15-nji ýanwaryndaky 10798-nji Kararyna, şeýle hem Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2010-njy ýylyň 16-njy martynda 518 san bilen hasaba alnan "Edara görnüşinli we şahsy taraplaryň Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň talap etmegi boýunça jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy göreşmek üçin zerur maglumatlary bermeginiň Tertibini tassyklamak hakynda" Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2010-njy ýylyň 25-nji fewralyndaky 16 belgili we Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2010-njy ýylyň 16-njy martynda 519 san bilen hasaba alnan "Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hökmany gözegçiligi amala aşyrmak üçin geleşikleriň we amallaryň daşary ýurt pulundaky ýa-da milli puldaky çäklendirme möçberlerini kesgitlemek hakynda" Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2010-njy ýylyň 25-nji fewralyndaky 17 belgili buýruklaryna laýyklykda işlenip taýýarlanyldy we jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek maksady bilen banklar tarapyndan içerki gözegçiligi amala aşyrmak boýunça talaplary kesgitleýär.

2. Şu Düzgünnamada aşakda getirilen adalgalar indiki mazmunlarda ulanylýar:

bank – edara görnüşli we şahsy taraplardan we öz adyndan pul serişdelerini kabul edip almak, şol serişdeleri yzyna gaýtaryp almak, töleglilik we möhletlilik şertleri bilen ýerleşdirmek, şeýle hem gaýry bank hyzmatlaryny ýerine ýetirmek hukugy berlen edara görnüşli tarapdyr.

pul serişdeleri we/ýa-da gaýry emläk boýunça amallara (mundan beýläk – pul serişdeleri bilen amallara) gatnaşyjylar – pul serişdeleri bilen amallary amala aşyrýan adamlar, olaryň wekilleri, şeýle hem benefisiar hususyýetçi;

Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň Maliýe gözegçiligi müdirligi – Türkmenistanyň Prezidentiniň namalaryna laýyklykda döredilen we "Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda işi amala aşyrmaga ygtyýarly edilen ygtyýarly döwlet edarasy (mundan beýläk ygtyýarly döwlet edarasy);

içerki gözegçilik ulgamy – bank tarapyndan jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek boýunça çäreler hökmünde kabul edilen we bankyň guramaçylyk gurluşyny hasaba almak bilen işlenip düzülen usulyýetleriň we kadalaryň jemi;

içerki gözegçilik kadalary – jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek maksady bilen bankda we onuň gurluş

düzüm birliklerinde içerki gözegçilik ulgamynyň guralmagyny kadalaşdyrýan bankyň Düzgünnamasy;

jogapkär wezipeli adam (adamlar) – bankda we (ýa-da) onuň gurluş düzüm birliginde içerki gözegçiligiň guralyşyna we içerki gözegçilik kadalarynyň ýerine ýetirilişine jogapkär adam (adamlar);

ýörite gurluş düzüm birligi – bankyň düzüm birligi bolup, onuň ygtyýaryna jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileri kanunlaşdyrmak we terrorçylygy maliýeleşdirmek bilen baglanyşykly pul serişdeleri bilen amallara garşy hereket etmek we ýüze çykarmak boýunça çäreleri amala aşyrmak girýär;

korrespondent banklar – korrespondent hasaplaryny açmak bilen korrespondent gatnaşyklary ýola goýulan banklar;

müşderiler – eýeçiligiň islendik görnüşindäki kärhanalar, edaralar, guramalar, şol sanda korrespondent banklar, şahsy taraplar, şol sanda bankda hyzmat edilýän (pul serişdeleri bilen amallary amala aşyrýan) hususy telekeçi – şahsy taraplar;

anketleşdirmek – bank tarapyndan müşderi we onuň işi hakynda şu Düzgünnama bilen kesgitlenen maglumatlary özünde saklaýan anketanyň düzülmegi;

benefisiar hususyýetçi – şoňundan eýeçilik edýän ýa-da geleşigi geçirýän tarapyň adyndan çykyş edýän müşderä ýa-da şahsa gözegçilik edýän şahsy tarap;

şübheli geleşik we amal – “Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, şübheli geleşikleriň we amallaryň alamatlaryna we ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan tassyklanylan şübheli amallaryň alamatlarynyň sanawyna gabat gelýän geleşik we amal, ýagny aýdyň ykdysady ýa-da görnetin kanuny maksatlary bolmadyk we şol edara görnüşindäki ýa-da şahsy tarapyň işi üçin häsiýetli bolmadyk pul serişdeleri bilen amala aşyrylýan geleşikler we amallar.

## II. IÇERKI GÖZEGÇILIK ULGAMYNY GURAMAK

3. Bankda içerki gözegçilik ulgamynyň guralyşy şu aşakdakylary üpjün etmelidir:

jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileri kanunlaşdyrmak we terrorçylygy maliýeleşdirmek prosesine bankyň bilkastlaýyn ýa-da öňünden bilinmezden goşulmagyna ýol berilmezligini;

bankyň serişdeleriniň ogurlanmagy, bankdaky pul serişdeleri we/ýa-da gaýry emläkleri tussaga goýulmagy, ýa-da bankdaky pul serişdeleriniň we/ýa-da müşderileriň gaýry emlákleriniň mahrum edilmegi sebäpli, bankyň gönüden-göni maliýe ýitgilerine we maýadarlaryň hem-de müşderileriň ynamynyň gaçmagyna getirýän goýumçylaryň we algydarlaryň serişdeleriniň yzyna gaýytmagy, bankara resurslarynyň berilmeginden saklanylmagy, gözegçilik, salgyt we hukuk goraýjy edaralar tarapyndan jogapkärçilige çekilmegi ýaly howplary bilen baglanyşykly töwekgelçilikleri (karz, abraý, amaly, şol sanda hukuk we beýlekiler) pes derejä ýetirmekligi;

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda maglumatlaryň ygtyýarly döwlet edarasyna öz wagtynda berilmegini;

pul serişdeleri bilen amallar hakynda, bu amallary amala aşyrýan adamlar, olaryň wekilleri, benefisiar hususyýetçilar hakynda, şeýle hem jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagy we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegi bilen baglanyşykly pul serişdeleri bilen amallara garşy hereket etmek we ýüze çykarmak maksady bilen bank tarapyndan kabul edilýän çäreler hakynda maglumatlaryň ýaşyrynlygyny.

4. Içerki gözegçilik ulgamy şu aşakdaky esasy ugurlar boýunça amala aşyrylýar:

bankyň pul serişdeleri bilen amallary geçirýän ähli müşderilerini Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan ýagdaýlarynda bellige almak, şeýle hem müşderileriň işjeňlikleri we iş abraýy barada maglumatlary saklamak;

hökmany gözegçilik edilmäge degişli pul serişdeleri bilen amallary ýüze çykarmak, resminama arkaly bellige almak we degişli maglumatlary ygtyýarly döwlet edarasyna geçirmek.

5. Jenaýatçlykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek boýunça içerki gözegçilik ulgamyny guramak maksady bilen bankda içerki gözegçilik kadalary işlenip taýýarlanylýar we bankyň Müdiriýetiniň başlygy tarapyndan tassyklanylýar.

6. Bankda guramaçylyk aýratynlyklaryny, işiň esasy ugurlary, müşderilerini we jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagy we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegi bilen baglanyşykly

töwekgelçilikleri nazara almak bilen jogapkär wezipeli adam (jogapkär wezipeli adamlar) bellenilmelidir, şonuň ýaly hem ýörite gurluş düzüm birligi döredilip bilner ýa-da onuň wezipeleri öň hereket edýän gurluş düzüm birliginiň üstüne ýüklenip bilner.

7. Içerki gözegçilik pul serişdeleri bilen amallary amala aşyrmagyň ähli tapgyrlarynda amala aşyrylmalydyr we şu aşakdakylardan ybaratdyr:

deslapky gözegçilik müşderi barada belli bir düşünjäni emele getirmek üçin zerur resminamalary ýygnamak we degişli maglumatlary, şol sanda onuň benefisiar hususyýetçilary hakynda, şeýle hem müşderiniň işjeňliginiň häsiýeti we göz öňünde tutulýan dolanyşygy barada maglumatlary bellige almak arkaly amala aşyrylýar;

gündelik gözegçilik bankyň deslapky gözegçilikden soňra bar bolan maglumatlarynyň esasynda hökmany gözegçilige degişli bolan amallary ýüze çykarmak maksady bilen müşderiniň pul serişdeleri bilen geçirýän amallaryna gözegçilik etmek arkaly amala aşyrylýar;

soňraky gözegçilik uzak möhletli häsiýete eýe bolan we gündelik gözegçiligiň çäginde hökmany gözegçilige degişli edilmeýän müşderiniň pul serişdeleri bilen şübheli amallaryny ýüze çykarmak maksady bilen öňki döwürde geçirilen amallary seljermek arkaly amala aşyrylýar.

8. Içerki gözegçiligi guramagyň esasy ýörelgesi diýip bankyň ähli işgärleriniň olaryň öz wezipe borçlarynyň we ygtyýarlyklarynyň çäklerinde müşderileri anyklamak we hökmany gözegçilige degişli bolan pul serişdeleri bilen amallary ýüze çykarmak bilen baglanyşykly işlere gatnaşmagyny üpjün etmek hasaplanylýar.

## III. IÇERKI GÖZEGÇILIK KADALARYNA BILDIRILÝÄN TALAPLAR

9. Içerki gözegçilik kadalary bankyň, müşderileriň işiniň häsiýetini we esasy ugurlaryny hem-de jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileri kanunlaşdyrmak we terrorçylygy maliýeleşdirmek bilen baglanyşykly töwekgelçilikleri hasaba almak bilen işlenip düzülýär we şu aşakdakylary öz içine almalydyr:

pul serişdeleri bilen amallara gatnaşyjylary we bankyň müşderileriniň benefisiar hususyýetçilerini anyklamagyň tertibini;

müşderileri has içgin öwrenmek, şeýle hem pul serişdeleri bilen şübheli amal ýüze çykarmak maksady bilen döwlet edaralary bilen bilelikdäki hereketiň usullaryny (resmi ýüz tutmalary ibermek, maglumatlar binýatlaryny peýdalanmak we başgalar);

bankyň işiniň aýratynlygyny hasaba almak bilen pul serişdeleri bilen şübheli amallary ýüze çykarmagyň çelgilerini we alamatlaryny;

pul serişdeleri bilen amallary ýüze çykarmagyň we hökmany gözegçilikdäki maliýe amallaryna degişli etmegiň tertibini;

hökmany gözegçilige degişli bolan pul serişdeleri bilen amallary resminamalaýyn bellige almaklygyň tertibini;

Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda pul serişdeleri bilen aýry-aýry amallary togtatmagyň tertibini;

şübhe döredýän we hökmany gözegçilige degişli pul serişdeleri bilen amallar hakyndaky maglumatlaryň saklanylmagyny we ýaşyrynlygyny üpjün etmegiň tertibini;

içerki gözegçilik kadalarynyň işlenip düzülmeginiň guralmagyna bankyň jogapkär wezipeli adamlarynyň görkezilmegini;

bankyň jogapkär wezipeli adamlarynyň hünär derejesine we ýörite gurluş düzüm birliginiň (eger ol bar bolan mahalynda) işgärleriniň, içerki gözegçiligiň amala aşyrylmagyna jogapkär wezipeli adamlaryň, şeýle hem pul serişdeleri bilen bank tarapyndan amallaryň amala aşyrylmagyna gatnaşýan bankyň düzüm birlikleriniň işgärleriniň taýýarlanylyşyna bildirilýän talaplary.

10. Banklarda içerki gözegçiligi üpjün etmegiň çäklerinde şu aşakdaky maksatnamalar işlenip düzülýär:

içerki gözegçilik amallarynyň, kadalarynyň we serişdeleriniň netijeliligini ýokarlandyrmak, şol sanda hökmany gözegçilige degişli bolan pul serişdeleri bilen amallary ýüze çykarmak boýunça maksatnama;

jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň

maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmegiň soraglary boýunça işgärleri taýýarlamaklygyň we okatmaklygyň (hünär derejesini ýokarlandyrmak) maksatnamasy.

## IV. PUL SERIŞDELERI BILEN AMALLARY AMALA AŞYRÝAN TARAPLARY ANYKLAMAGYŇ TERTIBI

11. Bank tarapyndan pul serişdeleri bilen amallary amala aşyrylanda:

pul serişdeleri bilen amallary amala aşyrýan taraplary (bankyň müşderileriniň, olaryň kontragentleriniň) anyklanylýar;

pul serişdeleri bilen amallary geçirýän taraplaryň adyndan hereket edilende, şol taraplary anyklamak boýunça çäreler görülýär;

pul serişdeleri bilen amallara beýleki gatnaşyjylar (dellallar, benefisiar hususyýetçilar) hakynda maglumatlary bankyň müşderileriniň anketalarynda görkezilýän hökmany maglumatlaryň sanawynda bellige almak üçin zerur bolan maglumatlary ýygnamak boýunça çäreleri amala aşyrylýar.

Pul serişdeleri bilen amallara gatnaşyjy öz adyndan däl-de we/ýa-da beýleki adamyň bähbitlerine hereket edýär diýen maglumatlar ýa-da şübheler bar bolan mahalynda bank benefisiar hususyýetçileri anyklamak boýunça ýüze çykan ýagdaýa görä esaslandyrylan we mümkin bolan çäreleri görmäge borçludyr.

12. Bank müşderileri anyklanylanda (şahsy taraplardan başga) benefisiar hususyýetçileri bellige almak we anyklamak boýunça emele gelen ýagdaýa görä esaslandyrylan we mümkin çäreleri görmäge borçludyr.

13. Bank tarapyndan müşderileriň her bir topary üçin (şahsy taraplar, şol sanda hususy telekeçi – şahsy taraplar, edara görnüşli taraplar we korrespondent banklar) ýörite görnüşler – müşderileriň anketalary işlenip düzülip, olar standart we giňeldilen görnüşde bolup biler.

14. Hususy telekeçi - şahsy tarap bolmadyk şahsy taraplar boýunça giňeldilen görnüşli anketalar doldurylmaýar.

15. Giňeldilen görnüşli anketa şu aşakdakylar üçin doldurylýar:

işi bank tarapyndan ýokary töwekgelçilikli derejede diýlip baha berilýän müşderiler boýunça;

bankda pul serişdeleri bilen amallar babatynda jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileri kanunlaşdyrmak we terrorçylygy maliýeleşdirmek maksady bilen hereket edýänligine şübheler döreýän müşderiler boýunça;

dogrulygyna şübhe döreýän maglumatlary berýän müşderiler boýunça.

16. Standart we giňeldilen görnüşlerdäki anketalarda görkezilýän hökmany maglumatlaryň sanawy şu Düzgünnamanyň 1-nji goşundysynda getirilendir.

Töwekgelçiligiň derejesine görä standart we giňeldilen görnüşdäki anketalarda görkezilýän goşmaça maglumatlar bank tarapyndan özbaşdak kesgitlenilýär.

Anketalar müşderi tarapyndan berlen resminamalaryň we maglumatlaryň esasynda müşderi tarapyndan hem bankyň işgäri tarapyndan hem doldurylyp bilner.

Müşderiniň anketasyndaky “Gulluk maglumaty” diýen bölüm bank tarapyndan doldurylýar. Onda şu aşakdakylar görkezilýär:

bu müşderi bilen işiň töwekgelçilik derejesi (pes ýa-da ýokary);

töwekgelçiligiň ýokary derejesini esaslandyrmak (ol berlen mahalynda);

müşderi anyklananda bank tarapyndan geçirilen goşmaça çäreleriň netijeleri;

müşderi (onuň hususyýetçileri) we onuň işiniň häsiýeti hakynda düşünjäni döretmek üçin bankyň möhüm hasap edýän beýleki maglumatlary.

17. Müşderiniň tabşyran maglumatlarynyň ygtybarlygyna şübhe dörän ýagdaýynda olary bank tarapyndan barlanylyp bilner, şeýle hem kanunçylyga gabat gelýän usullar bilen goşmaça maglumatlary alyp bilerler, mysal üçin:

1)şahsy taraplar, şol sanda hususy telekeçi – şahsy taraplar anyklananda:

müşderi hakyndaky maglumatlary maglumatlar binýadyndan barlamak (galp pullary ýerleşdirmek hakyndaky, gözlegde bolmak hakyndaky; kazyýet jogapkärçiligine çekilen we dolandyryş hukuk bozulmalary hakyndaky; alnan karzlar hakyndaky; kanuny taýdan ýok edilmän ýitirilen we ogurlanan pasportlar hakyndaky maglumatlarda);

müşderi bilen telefon arkaly, ýazmaça, şol sanda elektron poçta arkaly gatnaşyk etmek;

hususy telekeçi - şahsy tarap hakynda, şol sanda onuň abraýy hakynda döwlet edaralaryndan, edara görnüşli taraplaryndan we şahsy adamlardan bellenilen tertipde maglumat almak;

hususy telekeçi - şahsy tarapdan kabul edilen anyklaýyş maglumatlarynyň döwlet edaralary tarapyndan berlen maglumatlar bilen laýyklygyny deňeşdirip barlamak;

2)edara görnüşli taraplar, şol sanda korrespondent banklar anyklananda:

auditor guramasynyň auditor hasabaty bilen tanyşmak (auditory – hususy telekeçi – şahsy tarap);

döwlet edaralaryndan, edara görnüşli taraplaryndan we şahsy adamlardan müşderi hakynda, şol sanda abraýy hakynda mümkin bolan maglumatlary almak;

müşderiniň wezipeli adamlary bilen telefon arkaly, ýazmaça, şol sanda elektron poçta arkaly gatnaşyk etmek;

zerur bolan halatlarda kontragentiň bankyna degişli sowallary ony hasaba alan ýurduň Merkezi bankyna ýa-da kontragent bank bilen korrespondent gatnaşyklary saklaýan birinji klasly banka ylalaşyk esasynda ibermek;

edara görnüşli tarapyň beren anyklaýyş maglumatlarynyň, oňa döwlet edaralaryň degişli edilen maglumatlar bilen laýyklygyny deňeşdirip barlamak;

edara görnüşli tarapyň adyndan hereket etmek hukugy bellenilen tertipde berlen ýolbaşçy, baş hasapçy, beýleki wezipeli adamlar hakyndaky, şeýle hem edara görnüşli tarapyň esaslandyryjylary, benefisiar hususyýetçilar, şahsy taraplar bolan benefisiar hususyýetçiler hakyndaky maglumatlary şu bölümiň 1-nji kiçi bölüminiň ikinji bendinde görkezilen usul bilen maglumatlary barlamak.

18. Bankda hasap açylýan täze müşderileri anketleşdirmek hasabyň açylmagyna çenli amala aşyrylýar.

19. Bankyň müşderilerini anketleşdirmek şu aşakdaky halatlarda hökmany däldir:

1)eger müşderi bank ýa-da Türkmenistanyň beýleki maliýe karz edarasy, Türkmenistanyň ätiýaçlandyryş guramasy, gymmatly kagyzlar bazarynyň gatnaşyjysy; haryt-çig mal biržasynyň; walýuta biržasynyň, pul serişdeleriniň geçirimlerini amala aşyrýan poçta we telegraf aragatnaşygy guramasy bolup durýan Türkmenistanyň dahyllysy bolsa;

2)eger müşderi daşary ýurt döwletiniň rezident banky – pullaryň ýuwulmagyna garşy göreşmegiň maliýe çärelerini işläp taýýarlaýan Toparyň (FATF) agzasy bolsa. Şunda müşderi şu aşakdaky çelgileriniň bolmanda birini kanagatlandyrmalydyr:

Fitch, Moody`s, Standard & Poor`s halkara reýting agentlikleri tarapyndan berlen reýting bahasynyň görkezijisi bolmalydyr;

“Bankers Almanac” halkara bank maglumatnamasyna (Birleşen Korollygyň “Reed Business Information” neşirýaty, şunlukda bank amaly ýa-da gaýry geleşik geçirilen senenama ýylynyň diňe öň ýanyndaky senenama ýylyndaky neşir edilen maglumatnamanyň islendik göýberilişi ulanylýar) ýa-da degişli daşary ýurduň hereket edýän banklarynyň sanawyna (reýestri) goşulan bolmalydyr.

Şu bent haçan-da şu bentde görkezilen ýa-da bu müşderiniň pul serişdeleri ýa-da gaýry emlägi bilen amallar babatynda olaryň jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagy we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegi bilen baglanyşyklydygyna şübheler dörän mahalynda ulanylmaýar;

3) şu Düzgünnamanyň 23-nji bölüminde göz öňünde tutulan halatlarda.

20. Türkmenistanda häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň ulgamyna girýän edaralar babatda anyklamak işi geçirilmeýär.

21. Bankyň müşderisiniň anketasy kagyz göterijide ýa-da elektron görnüşde doldurylyp bilner.

22. Bankyň müşderisiniň anketasynda görkezilýän maglumatlar bankyň maglumatlarynyň elektron binýadynda bellenilip we saklanylyp bilner, bu halatda olary (onuň bir bölegini) müşderilere hyzmat edýän bankyň işgärleriniň derhal ulanmak mümkinçiligi üpjün edilmelidir.

23. Bankyň müşderisiniň töwekgelçiligiň haýsy topara degişliligine, onuň işiniň töwekgelçilik derejesine hem-de onuň pul serişdeleri bilen amala aşyrýan amallarynyň häsiýetine baglylykda anyklamak şu aşakdaky aýratynlyklary göz öňünde tutmak bilen geçirilýär:

1) eger şahsy taraplar tarapyndan hasaplar açmazdan pul serişdeleri bilen olaryň amala aşyrýan bir gezeklik amaly Türkmenistanyň kanunçylygy bilen hökmany gözegçilik edilmäge degişli bolmasa we ony geçirmek üçin müşderiniň tassyklaýjy resminamalarynyň banka görkezilmegi göz

öňünde tutulmadyk bolsa şahsy taraplary anyklaşdyrmak geçirilmän bilner.

2) bank tarapyndan edara görnüşli taraplar anyklaşdyrylanda şu aşakdakylara aýratyn üns berilýär:

esaslandyryjy resminamalara (ähli hasaba alnan üýtgetmeleri we (ýa-da) olara girizilen goşmaçalary bilen) we döwlet tarapyndan hasaba alynanlygyny tassyklaýan resminamalara;

edara görnüşli tarapyň dolandyrylyşy tarapyndan kararlaryň kabul edilmegine täsir etmek mümkinçiligi bolan adamlary kesgitlemek maksady bilen edara görnüşli tarapyň esaslandyryjylarynyň (gatnaşyjylarynyň) düzümine;

edara görnüşli tarapyň dolandyrylyş gurluşyna we onuň ygtyýarlyklaryna;

müşderiniň pul, şol sanda nagt pul dolanyşygynyň onuň işiniň häsiýetine laýyklygyna;

3) birinji klasly rezident bolmadyk bank bilen korrespondent gatnaşyklary ýola goýulanda banklar bu çözgüdi Türkmenistanyň Merkezi banky bilen deslapdan ylalaşmalydyrlar, şeýle hem şu Düzgünnamanyň 1-nji goşundysynyň 4-nji bendinde göz öňünde tutulan maglumatlaryň we jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek boýunça rezident bolmadyk bank tarapyndan görülýän çäreler hakyndaky maglumatlaryň berilmegini talap etmäge borçludyrlar.

24. Anyklamagyň dowamynda berlen ähli resminamalar, şol sanda kagyz göterijilerdäki anketalar müşderiniň dosýesinde saklanylýar.

25. Işiň görnüşlerini we töwekgelçiligiň ýokary derejesindäki amallaryny hasaba almak bilen deslapky gözegçilik tapgyrynda müşderi hakyndaky alnan maglumatlaryň esasynda (anyklamagyň we berlen maglumatlary barlamak boýunça degişli çäreleri geçirmegiň dowamynda) bank müşderi bilen işiň töwekgelçiligine baha berýär we oňa töwekgelçiligiň degişli derejesini berýär (pes ýa-da ýokary).

26. Işi töwekgelçiligiň ýokary derejesi bilen häsiýetlendirilýän müşderilere şu aşakdakylar degişlidir:

terrorçylyga gatnaşanlygy ýa-da terrorçylyk işi bilen meşgullanýan adamlaryň gözegçiliginde durýandygy hakynda maglumatlar bolan taraplar;

bellige alnan ýeri, ýaşaýan ýeri ýa-da ýerleşýän döwleti (çägi) jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmekligiň çäklerinde halkara hyzmatdaşlygyna gatnaşmaýan taraplar, ýa-da ýokarda görkezilen döwletde (çäkde) hasaba alnan bankda, gaýry karz edaralarynda amallary geçirýänligi barada maglumat bar bolan taraplar;

bellige alnan ýeri, ýaşaýan ýeri ýa-da ýerleşýän ýeri halkara çeşmelerinden belli bolşy ýaly parahorlugyň derejesi ýokary bolan jenaýatçylykly ýarag dolanyşygy bolan, bikanun migrasiýa ýa-da onda bikanun neşe serişdeleri öndürilýän ýa-da iberilýän, şeýle hem medisina maksatlaryndan başga neşe serişdeleriniň erkin dolanyşygyna rugsat berilen daşary ýurtlaryň (çäkleriň) hataryna girýän taraplar;

bank we ätiýaçlandyryş amallaryny amala aşyrmak üçin aýratyn amatly şertleriň döredilen we (ýa-da) pul serişdeleri bilen amallar hakynda maglumatyň açylmagyny we berilmegini göz öňünde tutmaýan döwletde (çäkde) (mundan beýläk – offşor zolaklary) bellige alnan, ýaşaýan ýeri we bolýan ýeri bolan hasaba alnan taraplar;

offşor zolaklarynda hasaplary bolan Türkmenistanyň dahyllysy we dahyllysy bolmadyk taraplar;

işiniň esasy ugry gozgalmaýan emlägi satyn almak/satmak we onuň bilen baglanyşykly dellalçylyk hyzmatlaryny amala aşyrýan edara görnüşli taraplar we hususy telekeçi – şahsy taraplar gozgalmaýan emläk bilen geleşikler amala aşyran ýagdaýlarynda;

humarly oýunlar işewürligi bilen meşgullanýan edara görnüşli taraplar we hususy telekeçi – şahsy taraplar;

döwlet eýeçiligine degişli bolmadyk işi nagt pul serişdeleriniň ýygy-ýygy dolanyşygy bilen baglanyşykly edara görnüşli taraplar we hususy telekeçi – şahsy taraplar (şol sanda bölek söwda, jemgyýetçilik iýmiti we ş.m.);

hakyky ýerleşýän ýeri esaslandyryjy ýa-da hasaba alyş resminamalarynda görkezilen maglumatlara laýyk gelmeýän edara görnüşli taraplar we hususy telekeçi – şahsy taraplar;

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň namalaryna laýyklykda kesgitlenýän çelgiler boýunça birinji

klasly banka degişli bolmadyk korrespondent banklar;

benefisiar hususyýetçiy şu bölümiň ikinji - altynjy bentlerinde göz öňünde tutulan tarap bolup durýan edara görnüşli we şahsy taraplar;

bank tarapyndan şübheli diýlip kesgitlenen gaýry taraplar.

27. işjeňligi töwekgelligiň ýokary derejesi bilen häsiýetlendirilmedik müşderiler işjeňligi pes derejeli töwekgelçilikli müşderilere degişli edilýär.

28. pul serişdeleri bilen amallarda töwekgelçiligiň ýokary derejesi bilen häsiýetlendirilýän amallara aşakdakylar degişlidir:

gatnaşyjylary şu Düzgünnamanyň 26-njy bölüminiň ikinji - bäşinji bentlerinde görkezilen taraplar bolup durýan pul serişdeleri bilen amallar;

offşor zolaklarynda açylan hasaplaryň üsti bilen geçirilýän pul serişdeleri bilen amallar;

sungat gymmatlyklaryny, antikwariaty, ýeňil ulag serişdelerini ýerlemek (şol sanda komission) bilen baglanyşykly pul serişdeleri amallary;

gymmat bahaly metallar, gymmat bahaly daşlar, şeýle hem gymmat bahaly metallary we gymmat bahaly daşlary özünde saklaýan şaý-sep önümleri bilen pul serişdelerinde geçirilýän amallar, banklar tarapyndan geçirilýän amallar muňa girmeýär;

internet-tehnologiýalary peýdalanmak bilen geçirilýän pul serişdeleri bilen amallar;

şu Düzgünnamanyň 36-njy bölümine laýyklykda hökmany gözegçilige degişli edilen pul serişdeleri bilen geçirilýän amallary müşderi tarapyndan yzygiderli pul serişdeleri bilen amala aşyrylýan şübheli amallar;

bank tarapyndan şübheli diýlip kesgitlenen pul serişdeleri bilen geçirilýän beýleki amallar.

29. Banklar özleriniň işjeňligi ýokary töwekgelçilik derejesine degişli eden müşderileri tarapyndan amala aşyrylýan pul serişdeleri bilen amallara aýratyn üns bermäge borçludyrlar. Şu Düzgünnamanyň 26-njy bölüminiň ikinji bendinde görkezilen taraplaryň pul serişdeleri ýa-da gaýry emlägi bilen amallar “Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 3-nji maddasynyň 10-njy böleginiň birinji bendine laýyklykda togtadylmaga degişlidir.

30. Banklar anketadaky, müşderini anyklamagyň netjesinde alnan maglumatlary senenama ýylynyň dowamynda ýöne azyndan bir gezek täzelemelidirler, şeýle hem anketalarda görkezilen maglumatlaryň üýtgemekligi bilen baglanyşykly bu müşderi bilen işlemek töwekgelçiliginiň derejesini ýa-da pul serişdeleri bilen onuň geçirýän amallarynyň häsiýetini gaýtadan gözden geçirip durmalydyrlar.

Banklar öň alnan maglumatlaryň dogrulygyna şübhe ýüze çykan mahalynda müşderiniň gaýtadan anyklanylmagyny geçirmelidirler.

## V. HÖKMANY GÖZEGÇILIGE DEGIŞLI BOLAN PUL SERIŞDELERI BILEN AMALLARY ÝÜZE ÇYKARMAGYŇ TERTIBI

31. Bankyň müşderileriniň pul serişdeleri bilen amallar amala aşyrylanda hökmany gözegçilige degişli pul serişdeleri bilen amallary kesgitlemek maksady bilen içerki gözegçilik bankyň işgärleri tarapyndan öz üstüne ýüklenen gulluk borçlaryny berjaý etmegiň çäginde ýerine ýetirilýär.

32. Deslapky gözegçiligiň, şol sanda anyklamagyň çäginde alnan maglumat, şeýle hem müşderi bilen işiň töwekgelçiliginiň kesgitlenen derejesi gündelik we soňraky gözegçiligi amala aşyrmak üçin esas bolup durýarlar.

33. Gündelik gözegçiligiň çäginde bank müşderileriň pul serişdeleri amallaryny, olaryň hasaplary boýunça hereketleri “Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 5-nji maddasyna laýyklykda hökmany gözegçilige degişli edilen pul serişdeleri bilen amallary ýüze çykarmak, we olary ýörite ygtyýarly döwlet edarasyna tabşyrmak maksady bilen anyklaýar.

34. Pul serişdeleri bilen şübheli amallary ýüze çykarmagyň çelgileri we alamatlary ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan kesgitlenenlerden başga, şu aşakdakylar bolup durýarlar:

1) Bankyň müşderisiniň bank hasabyndan (bank goýumyndan) nagt görnüşde pul serişdelerini almak boýunça amallary geçirmegi (Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyna laýyklykda iş haky

we öwezine doluş pullary üçin, pensiýalary, talyp haklaryny, kömek pullaryny we Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki hökmany durmuşy tölegleri tölemek üçin, şeýle hem kagyz galam we beýleki hojalyk çykdajylaryny tölemek, oba hojalyk önümlerini satyn almak üçin nagt görnüşdäki pul serişdelerini almak muňa girmeýär);

2) eger-de pul serişdeleri bilen amallara gatnaşyjynyň hasaba alnan ýa-da hakyky ýerleşýän ýeri offşor zolagynda bolan ýagdaýynda bankyň müşderisi tarapyndan pul serişdelerini geçirmek (almak) amaly geçirilende;

3) offşor zolakda açylan hasaba (hasaplara), bankyň müşderisi tarapyndan pul serişdelerini geçirmek (almak);

4) müşderiniň gündelik (hasaplaşyk) hasaby boýunça pul serişdeleriniň dolanyşygynyň esaslandyrylmazdan hasabyň ortaça aýlyk dolanyşygyndan (öň ýanyndaky aýyň dolanyşygyndan) 3 esseden gowrak köpelmegi;

5) barlamagy mümkin bolmadyk ýa-da barlanylmagy örän gymmat düşjek şübhe döredýän maglumatyň müşderi tarapyndan berilmegi; özüniň görkezen salgylary we telefonlary boýunça müşderi bilen aragatnaşyk etmäge mümkinçiligiň bolmazlygy;

6) bank tarapyndan soralýan pul serişdeleri bilen amallar hakynda maglumatlary bermekde müşderiniň esaslandyrylmazdan boýun gaçyrmagy ýa-da maglumat bermekligi bökdemek ýa-da ýaşyrynlyk soraglary boýunça müşderiniň juda aladalanmagy;

7) pul serişdeleri bilen amallary geçirmek üçin şahsy tarap tarapyndan hakykylygyna şübhe döredýän resminamalaryň berilmegi;

8) müşderi tarapyndan (edara görnüşli tarap ýa-da hususy telekeçi – şahsy tarap) pul serişdeleri bilen geçirýän uly möçberde amalynyň 6 aýyň dowamynda pul serişdeleri bilen geçiren amallaryň ujypsyz bolmagynda ýa-da hiç-hili amalyň geçirilmezliginde amala aşyrylmagy;

9) müşderiniň kontragentlerini anyklamagyň mümkin bolmazlygy;

10) bankda bir müşderiniň (edara görnüşli tarapyň ýa-da hususy telekeçi – şahsy tarapyň) adyna birnäçe hasaplaryň açylmagy we olara pul serişdeleriniň gelip gowuşmagy, müşderini hyzmat etmäge kabul edilende dürli walýutalarda hasaplaryň we gündelik hasaplaryň, şeýle-de, täze eksport önümçiliginiň hasabynyň birwagtda açylmagy muňa degişli däldir.

11) müşderiniň işiniň häsiýetine pul serişdeleri bilen geçirýän amallarynyň laýyk gelmezligi;

12) müşderi tarapyndan amala aşyrylýan pul serişdeleri bilen (bir görnüşli) bir meňzeş amallaryň pul möçberleriniň esassyz böleklere bölünmegi.

Şunlukda uzak bolmadyk döwrüň içinde müşderi tarapyndan her biri ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan bellenilen çäk pul möçberiniň ululygyndan ýokary geçmeýän, ýöne pul möçberinde görkezilen çäkden geçýän (müşderiniň işi hökmany ýa-da meýletin tölegleri ýygnamak, ilata hyzmat etmek bilen baglanyşykly bolmadyk mahalynda) pul serişdeleri bilen bir meňzeş amallaryň (bir görnüşli) birnäçe gezek geçirilmegi;

Egerde birmeňzeş amallar (bir görnüşli) uzak bolmadyk döwrüň içinde her biriniň möçberi Türkmenistanyň haryt we çig mal biržasynda bellige alynmaly geleşigiň möçberinden ýokary geçmeýän, ýöne jemi pul möçberinde görkezilen bellikden ýokary geçýän möçberiň müşderi tarapyndan geçirilmegi.

13) müşderi tarapyndan pul serişdeleri bilen amallaryň ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan bellenen çäkden geçýän ýa-da geçmeýän ýöne oňa ýakyn bolan möçberde uzak bolmadyk wagtyň dowamynda bir gezek ýa-da birnäçe gezek geçirilip, soňra pul serişdeleriniň nagtlaşdyrylmagy; daşary ýurt pulunyň, gymmat bahaly kagyzlaryň we gaýry ýokary ukyply aktiwleriň satyn alynmagy; pul serişdeleriniň başga bankda açylan müşderiniň hasabyna geçirilmegi, ýa-da üçünji bir tarapa, şol sanda Türkmenistana dahylly bolmadyk tarapa geçirilmegi; hasaby ýapmaklygy ýa-da pul serişdeleri bilen amallary bes etmekligi;

14) uzak bolmadyk döwrüň içinde ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan kesgitlenen çäkden geçýän ýa-da çäkden geçmeýän, ýöne möçberi boýunça oňa ýakyn bir ýa-da birnäçe gezek şahsy taraplar tarapyndan zaýomlary, karzlary daşary ýurtlardan alynmagy;

15) müşderi tarapyndan bankdaky hasabyndan esassyz başga bankdaky öz hasabyna pul serişdelerini geçirmegi (mysal üçin hasaby ýapmazdan; başga bankdan alnan karzy üzülişmek maksadynyň bolmazlygy);

16) hakykylygyna (ygtybarlylygyna) şübhe döredýän resminamalaryň esasynda pul serişdeleri bilen amallary geçirmek;

17) şübheli häsiýetde hapalanan nagt daşary ýurt puluny, daşary ýurt pulundaky töleg resminamalaryny, inkasso ibermek üçin kabul edilmegi;

18) kiçi kupýuraly nagt daşary ýurt puluny ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan kesgitlenen çäk möçberinden geçýän möçberde uly kupýuralara çalşylmagy we onuň tersine uly kupýuralaryň kiçi kupýuralara çalşylmagy;

19) ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan bellenen çäk pul möçberinden ýokary geçýän pul möçberine çäkli konwertirlenýän walýutany nagt ýa-da nagt däl görnüşde peýdalanmak bilen pul serişdeleri bilen amallary geçirmek;

20) banknotlar (şaýlyklar) görnüşinde degişli döwletde ýa-da döwletleriň toparynda dolanyşykdan yzyna alnan ýa-da yzyna alynýan, ýöne çalyşmaga degişli bolan nagt pullary peýdalanmak bilen çäk pul möçberinden agdyk pul möçberine pul serişdeleri bilen amallary geçirmek;

21) eger bu müşderiniň işiniň häsiýeti ýa-da töwekgelçilikleriň ätiýaçlandyrylmagy bilen şertlendirilmedik ýagdaýynda, 3 ýa-da ondan köp pul birliginden ybarat nagt pullary ulanmak bilen ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan bellenen çäk pul möçberinden geçýän pul serişdeleri bilen amallary geçirmek;

22) anonim (belgili) hasaby peýdalanmak bilen pul serişdelerini geçirmek ýa-da oňa serişdeleriň gelip gowuşmagy. Anonim (belgili) hasaby peýdalanmak diýlip haçan-da pul serişdeleri bilen amallary amala aşyrylýan maglumatyň esasynda şeýle geçirmäniň gelip gowşan ýa-da geçirmäni iberen tarapyň şahsyýetini belli etmek (anyklamak) başartmaýan, daşary ýurda serişdeleriň geçirilmegine we daşary ýurtdan serişdeleriň gelip gowuşmagyna düşünmeli;

23) pul serişdeleri ýa-da gary emläk bilen amallaryň ykdysady manysynyň bolmazlygy ýa-da onuň müşderiniň işiniň häsiýetine laýyk gelmezligi, şunlukda pul serişdeleri bilen amallar ukyplylygy dolandyrmak ýa-da töwekgelçilikleri ätiýaçlandyrmak maksatlarynda amala aşyrylmagy muňa girmeýär;

24) müşderiniň pul serişdeleri bilen amallary geçirmekde esassyz gyssanmaçlygy;

25) pul serişdeleri bilen amallary amala aşyrmagyň şertlerine müşderi tarapyndan düýpli üýtgetmeleriň ýygy-ýygydan girizilmegi;

26) geçirmegiň netijesi müşderiniň hemişelik girdejisi ýa-da hemişelik ýitgisi bolup durýan pul serişdeleri bilen ýokary töwekgelçilikli amallaryň müşderi tarapyndan yzygiderli amala aşyrylmagy;

27) müşderiniň esasy işjeňligi nagt däl görnüşinde hasaplaşyklar bolmagyna garamazdan, onuň hasabyna gelýän nagt pullaryň paýynyň düýpli artmagy (3 gezekden agdyk);

28) müşderi tarapyndan karz alnan bankda ýa-da başga bankda açylan hasapda üpjünçilik hökmünde karzyň walýutasynda pul serişdeleriniň, gaýry walýutada ýa-da görkeziji üçin gymmat bahaly kagyzlaryň ýerleşdirilmeginiň karz alnandan soňra borçnamalary ýerine ýetirmekligiň üpjünçiliginiň üýtgedilmegi;

29) bankyň müşderi babatdaky maglumatlary we müşderiniň iş şertleri karz bergini maliýeleşdirmekligiň çeşmesini kesgitlemäge mümkinçilik bermeýän halatynda ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan kesgitlenen çägiň möçberinden artyk bolan karzyň wagtyndan öň (alnandan soňra uzak bolmadyk wagtyň dowamynda) üzülmegi;

30) müşderi tarapyndan pul serişdeleri bilen amallara gatnaşyja ýa-da gatnaşyjydan zaýomy, karzy şu görnüşli amallar, hyzmatlar we geleşikler edilende adaty ýagdaýlardan düýpli tapawutlanýan göterimleriň we (ýa-da) hyzmat haklarynyň göz öňünde tutulmagy bilen berilmegi ýa-da alynmagy;

31) pul serişdeleri bilen amallary amala aşyrmagyň amatly şertleriniň müşderi tarapyndan bilgeşleýin biperwaýlyga salykmasy (hyzmat haky, goýumlar (depozitler) boýunça derejeler we ş.m.); adaty bolmadyk ýokary hakyň ýa-da şeýle häsiýetdäki hyzmatlar edilende adaty alynýanlardan tapawutlanýan hakyň müşderi tarapyndan teklip edilmegi;

32) Türkmenistanyň dahyllysy - müşderi tarapyndan öň alnan hakujynyň harytlary getirmek (işleri ýerine ýetirmek, hyzmatlary etmek) şertnamasy boýunça rezident bolmadyk tarapa gaýtarmak bilen baglanyşykly pul serişdeleri bilen amallaryň yzygiderli gaýtalanmagy;

33) bank edarasy arkaly geçirilýän ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan bellenilen möçberiň çäginden ýokary geçýän gaýry amallar we geleşikler:

nagt daşary ýurt puluny satyn alynmagy we satylmagy;

şahsy tarapyň nagt pula gymmatly kagyzy satyn almagy;

bir gymmatdaky banknoty ikinji gymmatdaky banknotlara çalşylmagy;

şahsy tarapyň edara görnüşli tarapyň esaslyk maýasyna nagt pul görnüşinde goýmagy;

haýyr-sahawat, jemgyýetçilik guramalarynyň we edaralarynyň, gaznalarynyň pul serişdeleriniň hereketi;

gymmatly kagyzlary, gymmat bahaly metallary we gymmat bahaly daşlary hem-de gaýry gymmatlyklary lombarda ýerleşdirmek;

şahsy tarap tarapyndan ätiýaçlandyryş gatanjyny tölemek ýa-da ondan ömrüň ätiýaçlandyrmasy we toplaýyş ätiýaçlandyrmasynyň we pensiýa üpjünçiliginiň beýleki görnüşleri boýunça ätiýaçlandyryş baýragyny almak;

gozgalmaýan emläk bilen geleşik;

gozgalýan emläk bilen geleşik;

maliýe kärendesi (lizing) şertnamasy boýunça emläkleriň alynmagy ýa-da berilmegi;

lotereýadan, totalizatordan ýa-da töwekgellik bilen baglanyşykly beýleki oýunlardan alnan utuş görnüşinde pul serişdeleriniň alynmagy;

müşderiniň (şahsy tarapyň) tabşyrygy boýunça amala aşyrylýan pul serişdeleriniň geçirimi (leri).

34) Içerki gözegçilik kadalarynda bank pul serişdeleri bilen şübheli amallaryň ýüze çykarmaklygy we alamatlaryny kesgitlemek boýunça gaýry çelgileri göz öňünde tutup biler.

35. Pul serişdeleri leri bilen amallary şübhe döredýän hökmany gözegçilik etmäge degişli bolan pul serişdeleriniň leriň amallaryna degişli etmek üçin bank aşakdakylara salgylanmalydyr:

şu Düzgünnamanyň 34-nji bölüminde we bankyň içerki gözegçilik kadalary bilen kesgitlenen pul serişdeleri bilen şübheli amallary ýüze çykarmaklygyň we olaryň alamatlarynyň çelgileri;

müşderiniň işjeňliginiň mazmunyna we häsiýetine düşünmek üçin müşderini anyklamaklygyň barşyndaky toplanan maglumatlar bilen;

pul serişdeleri bilen amallary geçirmekligiň mazmunyna we jikme-jik öwrenmek üçin zerur bolan pul serişdeleri leri bilen geçirilýän amallar barada maglumatlar bilen;

pul serişdelerini bilen amallary hökmany gözegçilige degişlidigini tassyklamak maksady bilen öňki döwürde geçirilen pul serişdeleri bilen amallar barada maglumatlar bilen.

36. Pul serişdeleri bilen baglanyşykly şübhe döredýän amallar ýüze çykarylan halatynda, bank indiki tertipde hereket edýär:

bankyň işgäri tarapyndan şu Düzgünnamanyň 2-nji goşundysyna laýyklykdaky görnüşde pul serişdeleri bilen amal barada maglumaty özünde saklaýan habar düzülýär;

habar pul serişdeleri bilen amallar boýunça zerur resminamalar bankyň jogapkär wezipeli tarapyna geçirilýär;

zerur halatynda bank müşderä pul serişdeleri bilen amallaryň ykdysady mazmuny bilen baglanyşykly zerur düşündirişleri bermek boýunça haýyş bilen ýüz tutup bilýär;

amalyň pul serişdeleri bilen hökmany gözegçilige degişlidigi babatda esaslandyrylan şübhe dörän ýagdaýynda bankyň jogapkär wezipeli adamy müşderiniň pul serişdeleri ler bilen geçirilýän amalyny şübhelidigi barada we ol barada maglumatlary ygtyýarly döwlet edarasyna ibermek barada gutarnykly çözgüt kabul edýär.

37. Pul serişdeleri bilen geçirilýän amallaryň şübhelidigi ýüze çykarylan halatynda bankyň jogapkär wezipeli işgäri müşderi babatda bankyň mundan beýläk etmeli hereketi boýunça çözgüt kabul edýär, mysal üçin:

müşderi barada goşmaça maglumaty almak barada;

müşderi bilen töwekgelligiň derejesine gaýtadan seretmek barada;

müşderiniň pul serişdeleri bilen amallaryna aýratyn üns bermekligiň zerurdygy barada;

müşderi bilen şertnamalaýyn gatnaşyklary onuň bilen baglaşylan şertnama we Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bes etmek barada.

38. Şu Düzgünnamanyň 36-njy bölüminiň bäşinji bendinde we 37-nji bölüminde sanalyp geçilen bankyň jogapkär wezipeli işgäriniň çözgüdi habarda degişli ýazgy bilen resmileşdirilýär.

39. Habar elektron görnüşde ýa-da kagyz göterijisinde saklanylýar.

40. Bankyň pul serişdeleri bilen amallara seljerme geçirýän soňraky gözegçilik geçirýän

döwri amallaryň görnüşine baglydyr we birnäçe günden birnäçe aýa çenli bolup biler.

## VI. BANKYŇ IŞGÄRLERINIŇ TAÝÝARLYGYNA TALAPLAR

41. Bankyň işgärleri jenaýatçylyk ýol bilen alnan girdejilere we terrorçylygy maliýeleşdirmeklige garşy göreşmek soraglary boýunça, bankyň işjeňliginiň, onuň müşderileriniň we müşderiler bilen töwekgelligiň derejesi göz öňünde tutulyp işlenilip düzülýän işgärleri taýýarlamak we okatmak maksatnamasyna laýyklykda okadylmalydyr.

Görkezilen işgärlere bankyň jogapkär işgäri, ýörite düzüm birliginiň işgärleri (onuň bar bolan mahalynda), içerki gözegçiligi amala aşyrmaklyga jogapkär wezipeli adamlar, şeýle hem bankyň pul serişdeleri we/ýa-da gaýry emlägi bilen bankyň geçirýän amallaryna gatnaşyjy işgärler, hukuk bölüminiň, içerki audit we howpsuzlyk gulluklarynyň işgärleri degişlidir.

Işgärleri jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileri kanunlaşdyrmaga we terrorçylygy maliýeleşdirmäge garşy göreşmek soragy boýunça işgärleri taýýarlamak we okatmak boýunça maksatnama indikiler görkezilmelidir:

okatmagy geçirmekligiň tertibi we onuň görnüşleri (mysal üçin giriş (başlangyç) görkezmelerini bermek, okuw (meýilleşdirilen görkezmeler) ýa-da hünär kämilleşdirmegi, maksatlaýyn (meýilnamadan daşary) görkezmeler, jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileri kanunlaşdyrmaklyga we terrorçylygy maliýeleşdirmeklige garşy ugurdaky Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryna we zähmet borçlary ýerine ýetirilende içerki gözegçilik kadalaryna laýyklykdaky, çäreler bilen tanyşdyrmak, şeýle hem, işgärlere Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň, bankyň içki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň we ş.m. talaplaryny ýerine ýetirilmedigi üçin ulanylyp bilinjek jogapkärçilik çäreleri baradaky maglumat;

bankyň işgärleriniň jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileri kanunlaşdyrmak we terrorçylygy maliýeleşdirmek ugry boýunça bilimlerini barlamaklygyň tertibi.

42. Bankyň jogapkär wezipeli adamlaryny, ýörite düzüm birliginiň işgärleriniň, içerki gözegçiligi amala aşyrmaga jogapkär adamlarynyň, şeýle hem pul serişdeleri bilen amallary geçirmäge gatnaşýan bankyň düzümleriniň, hukuk bölüminiň, içerki audit we howpsuzlyk gulluklarynyň işgärlerini okatmak (meýilnamalaýyn instruktaž) ýa-da hünär kämilleşdirmek azyndan ýylda bir gezek geçirilýär.

43. Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileri kanunlaşdyrmaklyga we terrorçylygy maliýeleşdirmeklige garşy göreşmek boýunça meýilnamadan daşgary (maksatlaýyn) instruktaž indiki ýagdaýlarda geçirilýär:

Türkmenistanyň jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileri kanunlaşdyrmaklyga we terrorçylygy maliýeleşdirmeklige garşy göreşmek babatda kanunçylygy üýtgände, degişli döwlet edaralaryndan bu ugurda maglumat beriji resminamalar alnanda;

bankyň içerki gözegçilik kadalary üýtgände;

işgär içerki gözegçilige jogapkär edilip geçirilende, ýa-da bankyň düzümleriniň içinde pul serişdeleri bilen amallary geçirmeklige gatnaşýan düzüme, hukuk bölümine, içerki audit we howpsuzlyk gullugyna başga bir hemişelik işe geçirilip, eger-de işgäriň jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileri kanunlaşdyrmaklyga we terrorçylygy maliýeleşdirmeklige garşy göreşmek ugry boýunça bar bolan bilimleri öz zähmet borçlaryny berjaý etmek üçin ýeterlik bolmadyk halatynda.

44. Bankyň işgäri bilen jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileri kanunlaşdyrmaklyga we terrorçylygy maliýeleşdirmeklige garşy göreşmek boýunça instruktaž geçirilenligi barada ýörite žurnalda (onuň görnüşi we mazmuny bank tarapyndan özbaşdak kesgitlenýär) bellik edilýär we bu işgäriň goly bilen tassyklanylýar.

45. Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileri kanunlaşdyrmaklyga we terrorçylygy maliýeleşdirmeklige garşy göreşmek boýunça bankyň işgärleriniň bilimini barlamak bankyň jogapkär wezipeli adamy tarapyndan azyndan ýylda bir gezek, işgärleriň bilimleriniň başlangyç barlagyny – giriş (ilkinji) instruktaž geçirlenden soň bir aýyň dowamynda geçirilmelidir.

46. Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileri kanunlaşdyrmaklyga we terrorçylygy maliýeleşdirmeklige garşy göreşmek soraglary boýunça bankyň işgärlerini taýýarlamaklygyň we okatmaklygyň maksatnamasy bank tarapyndan ýylda azyndan bir gezek onuň netijeliligini kesgitlemek maksady bilen seljerilýär we Türkmenistanyň kanunçylygy üýtgedilende täzelenýär.

Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagy we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegi bilen baglanyşykly pul serişdeleri we/ýa-da gaýry emläk bilen amallara garşy hereket etmek we ýüze çykarmak boýunça çäreleriň banklar tarapyndan amala aşyrylmagy hakyndaky Düzgünnamanyň 1-nji goşundysy

**Bankyň müşderileriniň anketalarynda görkezilýän hökmany maglumatlaryň sanawy**

1. Hususy telekeçi-şahsy tarap bolmadyk şahsy tarap üçin standart görnüşli anketada şu aşakdaky maglumatlar bolmalydyr:

familiýasy, ady, atasynyň ady;
öňki familiýasy (gyz familiýasy – bolan mahalynda);
raýatlygy;
doglan senesi we ýeri;
ýaşaýan ýeri (hasaba alnan);
giriş wizasy (eger Türkmenistanyň halkara şertnamasynda Türkmenistanyň çägine wizasyz girmek göz öňünde tutulmadyk, Türkmenistanyň raýatlary bolup durmaýan adamlar üçin), şol sanda wizanyň berlen möhleti hakynda* maglumatlar;
şahsyýeti tassyklaýan resminamanyň maglumatlary (resminamanyň ady, seriýasy we belgisi, kim tarapyndan we haçan berilenligi);
töleýjiniň[1] hasap belgisi (salgyt edarasynda hasaba goýulandygyny tassyklaýan resminamanyň esasynda);
iş ýeri, wezipesi, iş telefonynyň belgisi*;
(öý/ykjam) telefonynyň belgisi;
elektron poçtanyň salgysy*;
bank bilen ylalaşyk gatnaşyklarynyň görnüşi (hasabyň görnüşi);
gulluk maglumaty;
anketanyň doldurylan senesi.

2. Hususy telekeçi - şahsy tarap üçin standart görnüşli anketada şu aşakdaky maglumatlar bolmalydyr:

familiýasy, ady, atasynyň ady;
raýatlygy;
doglan senesi we ýeri;
ýaşaýan ýeri (hasaba alnan);
giriş wizasy (eger halkara şertnamasynda Türkmenistanyň çägine wizasyz girmek göz öňünde tutulmadyk, Türkmenistanyň raýatlary bolup durmaýan adamlar üçin), şol sanda wizanyň berlen möhleti hakynda* maglumatlar;
şahsyýeti tassyklaýan resminamanyň maglumatlary (resminamanyň ady, seriýasy we belgisi, kim tarapyndan we haçan berilenligi);
hasaba alnan belgisi we hasaba alnan senesi, hasaba alyjy edaranyň ady;
töleýjiniň hasaba alyş belgisi;
(öý/ykjam) telefonyň belgisi;
elektron poçtanyň salgysy*;
Internetdäki saýtyň salgysy*;
bank bilen ylalaşyk gatnaşyklarynyň görnüşi (hasabyň görnüşi);
gulluk maglumaty;
anketanyň doldurylan senesi.

---

* Bolan mahalynda

Hususy telekeçi - şahsy tarap üçin giňeldilen görnüşli anketada standart görnüşli anketada göz öňünde tutulan maglumatlardan başga şu aşakdaky maglumatlar bolmaldyr:

öňki familiýasy (gyz familiýasy)*;

telekeçilik işiniň görnüşi;

beýleki banklarda açylan hasaplar hakynda maglumatlar*;

hasap boýunça göz öňünde tutulýan ortaça aýlyk dolanyşygy, şol sanda nagt pul serişdeleriniň dolanyşygy;

hususy telekeçi – şahsy tarapyň göni we (ýa-da) gytaklaýyn (beýleki şahsy taraplaryň we (ýa-da) beýleki edara görnüşli taraplaryň üsti bilen) kararlaryň kabul edilmegine täsir edýän edara görnüşli taraplary hakynda maglumat.

3. Edara görnüşli tarap üçin standart görnüşli anketada şu aşakdaky maglumatlar bolmalydyr:

ady;

hasaba alnan belgisi we hasaba alnan senesi, hasaba alyjy edaranyň ady;

töleýjiniň hasaba alyş belgisi;

ýerleşýän ýeri (hukuk salgysy);

telefon belgileri, eletkron poçtanyň salgysy*;

Internetdäki saýtyň salgysy*;

edara görnüşli tarapyň ýolbaşçysynyň, baş hasapçysynyň we (ýa-da) edara görnüşli tarapyň adyndan hereket etmek hukugy bellenilen tertipde berlen beýleki ygtyýarly wezipeli adamlaryň familiýasy, ady, atasynyň ady;

esaslandyryjylar, benefisiar hususyýetçilar, edara görnüşli tarap üçin hökmany bolan görkezmeleri bermek hukugyna eýe bolan ýa-da onuň hereketlerini kesgitlemäge başga bir mümkinçiligi bolan taraplar hakynda maglumatlar;

bank bilen şertnamalaýyn gatnaşyklaryň görnüşi (hasabyň görnüşi);

gulluk maglumaty;

anketanyň doldurylan senesi.

edara görnüşli tarap üçin giňeldilen görnüşli anketada standart görnüşdäki anketa bilen göz öňünde tutulan maglumatlardan başga şu aşakdaky maglumatlar bolmalydyr:

hasaba alnan maýalyk gorunyň möçberi;

edara görnüşli tarapyň üç sany esasy işiniň görnüşleri;

işgärleriň sany;

beýleki banklarda açylan hasaplar hakynda maglumatlar*;

hemişelik kontragentler hakynda maglumatlar*;

edara görnüşli tarapyň taryhy, bazardaky ýagdaýy (üýtgedip gurnamak, işiniň häsiýetindäki üýtgetmeler hakynda maglumatlar);

soňky auditor barlagyny geçiren auditor guramasynyň (hususy telekeçi – şahsy tarap bolan auditorynyň) ady, şeýle hem auditor netijenamasyny bermegiň mümkinçilikleri hakynda maglumatlar;

edara görnüşli tarapyň adyndan hereket etmek hukugy bellenilen tertipde berlen edara görnüşli tarapyň ýolbaşçylarynyň, baş hasapçysynyň we (ýa-da) beýleki ygtyýarly wezipeli adamlarynyň beýleki edara görnüşli taraplaryň esaslandyryjylary gatnaşyjylary ýa-da hususyýetçileri bolup durýandyklary hakynda maglumat;

edara görnüşli tarapyň esaslandyryjylarynyň, hususyýetçileriniň ýa-da benefisiar kabul edijileriniň beýleki edara görnüşli taraplaryň esaslandyryjylary (gatnaşyjylary), hususyýetçileri ýa-da ýolbaşçylary bolup durýandygy hakynda maglumat;

şahamçalar, wekilhanalar, golçur kärhanalary hakynda (şol sanda daşary ýurtdaky) maglumatlar*;

edara görnüşli tarapyň çözgütlerini göni we (ýa-da) gytaklaýyn (beýleki edara görnüşli taraplaryň üsti bilen) kesgitleýän ýa-da olaryň kabul edilmegine täsir etmäge ukyply edara görnüşli taraplar hakynda, şeýle hem, çözgütleriň kabul edilmegine bu edara görnüşli tarapyň täsir edýän edara görnüşli taraplary hakynda maglumatlar.

4. Korrespondent bank üçin standart görnüşli anketada şu aşakdaky maglumatlar bolmalydyr:

doly ady, gysgaldylan firma ady, daşary ýurt dilindäki ady;

guramaçylyk-hukuk görnüşi;

hasaba alnan belgisi, ýurdy we senesi, hasaba alyjy edaranyň ady;

bank we döwlet anyklaýyş kodlary;

töleýjiniň hasaba alyş belgisi*;

bank işini amala aşyrmak üçin ýörite rugsadyň (ygtyýarnamanyň) belgisi, berlen senesi, kim tarapyndan berilenligi;

ýerleşýän ýeri (hukuk salgysy);

telefonyň we faksyň belgileri, elektron poçtanyň salgysy;

Internetdäki saýtyň salgysy;*

bankyň ýolbaşçysynyň, baş hasapçysynyň we (ýa-da) bankyň adyndan hereket etmek hukugy bellenilen tertipde berlen beýleki ygtyýarly wezipeli adamlaryň familiýasy, ady, atasynyň ady;

dolandyryş organy hakynda maglumatlar (dolandyryş organyň gurluşy hakynda we ýerine ýetiriji organ (laryň) düzümine girýän şahsy taraplar hakynda);

esaslandyryjylar, kabul edijiler benefisiarlar bank üçin hökmany bolan görkezmeler bermäge hukugy bolan ýa-da onuň hereketlerini başgaça kesgitlemek mümkinçiligi bolan adamlar hakynda maglumatlar;

jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek maksady bilen, korrespondent bank tarapyndan kabul edilýän guramaçylyk çäreleri hakynda maglumatlar;

jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek babatda kanunçylygyň bozulanlygy üçin ýurduň degişli ygtyýarly edarasy tarapyndan soňky 3 ýylyň içinde banka ulanylan täsir ediş çäreleri hakynda maglumat (ýol berlen düzgün bozmalaryň görnüşleri);

gulluk maglumaty;

anketanyň doldurylan senesi.

Korrespondent bank üçin giňeldilen görnüşdäki anketada standart görnüşindäki anketada göz öňünde tutulan maglumatlardan başga şu aşakdaky maglumatlar bolmalydyr:

taryhy, işewür abraýy, bank önümleri boýunça ýöriteleşme, halkara reýting gulluklary tarapyndan berlen bank reýtingi, eýeleýän bazar we bäsleşik sektory hakynda, üýtgedip gurulanlygy, işiň häsiýetindäki üýtgetmeler hakynda maglumatlar we ş.m.;

banky esaslandyryjylary, benefisiar hususyýetçileri, beýleki banklaryň (edara görnüşli taraplaryň) esaslandyryjylary (gatnaşyjylary) bolup durýandygy hakynda maglumat;

aýrybaşgalanan düzüm birlikleri we olaryň möçberi hakynda maglumatlar;

golçur kärhanalary hakynda maglumatlar;

soňky auditor barlagynyň senesini görkezmek bilen bankyň buhgalter hasabatynyň ygtybarlylygyna daşarky auditi amala aşyrýan auditor guramanyň (hususy telekeçi – şahsy tarap bolan auditorynyň ady), şeýle hem auditor netijenamasyny bermek mümkinçiligi hakynda maglumatlar.

Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagy we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegi bilen baglanyşykly pul serişdeleri we/ýa-da gaýry emläk bilen amallara garşy hereket etmek we ýüze çykarmak boýunça çäreleriň banklar tarapyndan amala aşyrylmagy hakyndaky Düzgünnamanyň 2-nji goşundysy

**HABAR**

1. Müşderiniň ady (familiýasy, ady, atasynyň ady).
2. Pul serişdeleri ýa-da gaýry emläk bilen amalyň görnüşi.
3. Kontragentiň ady, (familiýasy, ady, atasynyň ady).
4. Pul serişdeleri bilen amallaryň pul möçberi.
5. Pul serişdeleri bilen amallary şübheli amala degişli etmeklige esasy.
6. Habary düzen işgäriň goly (goly aýdyňlaşdyrmak) we wezipesi.
7. Habaryň düzülen senesi.
8. Bankyň jogapkär wezipeli adamynyň rezolýusiýasy:

pul serişdeleri bilen amallary şübheli amal diýip ykrar etmek (ýa-da ykrar etmezlik) hakynda;
müşderi babatda bankyň geljekki hereketleri hakynda.

**Türkmenistanyň Merkezi bankynyň**
**Başlygynyň Orunbasary tarapyndan**
**2011-nji ýylyň 6-njy aprelinde**
**0211/22/2302 belgili haty**
**bilen tassyklanan**

## «Türkmenistanyň BAB-ne» 144-nji GOŞMAÇA

Türkmenistanyň Merkezi banky şunuň bilen, «Prezidentbank» täjirçilik bankynyň hukuk guramaçylyk görnüşiniň üýtgänligi sebäpli Türkmenistanyň «Prezidentbank» Döwlet täjirçilik banky ady bilen bellige alynanlygy barada habar berýär.